Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 59 (142) 2025-nji ýylyň 31-nji oktýabry



## BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ 80 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANAN MASLAHATA GATNAŞYJYLARA

**Hormatly maslahata gatnaşyjylar!**

Sizi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň şanly 80 ýyllygy mynasybetli geçirilýän maslahatyň öz işine başlamagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryň doly ygtyýarly subýekti hökmünde Birleşen Milletler Guramasy bilen ýokary netijeli strategik hyzmatdaşlygynyň barha giň gerime eýe bolýandygyny göz öňünde tutup, ak mermerli paýtagtymyz Aşgabatda geçirilýän bu maslahatyň örän uly daşary syýasy ähmiýetiniň bardygyny bellemek isleýärin.

Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalaryna laýyklykda üç gezek ykrar edilmegi demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň, döredijí, gurujy we parahatçylyk söýüji halkymyzyň halkara at-abraýyny has belent derejä göterýär. Geçen taryhy döwürde toplanan daşary syýasy we diplomatik tejribe Bitaraplyk syýasatynyň milli bähbitlerimize, Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna doly laýyk gelýändigini aýdyň görkezdi. Şunuň bilen baglylykda, maslahatyň gün tertibinde parahatçylygyň, howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň möhüm meseleleri bilen birlikde, Türkmenistanyň bilelikdäki ählumumy tagallalara goşýan saldamly goşandy, öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň durmuşa geçirilişi baradaky meseleleriň hem üns merkezinde boljakdygyna ynanýaryn.

Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde taryhda ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite Kararnamasynyň biragyzdan kabul edilmegi bilen ykrar edilmeginiň 30 ýyllyk şanly baýramyna taýýarlyk görülýän döwürde geçirilýän bu maslahatda möhüm sebit we has giň halkara hyzmatdaşlyk meseleleri barada hem özara pikir alşylar.

**Hormatly adamlar!**

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen paýtagtymyz Aşgabat şäherinde açylan Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň üstünlikli işlemegi hem halkara bileleşigiň Türkmenistana bildiren uly ynamynyň ähmiýetini görkezýän hakykatdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýasynyň dabaralanmagy adamzadyň şu günki we geljekki nesilleriniň abadançylygynyň hem-de howpsuzlygynyň oňyn ugurlarynyň işlenilip düzülmeginde biziň döwletimiziň mynasyp ornuny has-da berkidýär. Bu ugurda «Türkmenistan — BMG» strategik maslahat beriş geňeşiniň döredilmegi ýurdumyzyň saýlap alan Bitaraplyk syýasatynyň many-mazmunyny açyp görkezýän mysaldyr.

Biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hoşniýetli goňşuçylyga, birek-birege hormat goýmaga, deňhukuklylyga, dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan Bitaraplyk syýasatymyzy yzygiderli dowam etdirýäris. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş boýunça möhüm Kararnamalaryň uly toplumynyň kabul edilmegi dünýäde hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär, Bitarap Watanymyzyň at-abraýyny has-da artdyrýar.

**Eziz watandaşlar!**

Bitaraplyk biziň depginli ösüşlerimiziň kepilidir, merdana pederlerimiziň parahatçylyk we durnuklylyk, dostluk hem-de hoşniýetli goňşuçylyk baradaky asyrlarboýy eden arzuwlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin uly mümkinçilikdir.

Garaşsyz ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalar, Ýer ýüzüniň döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklary yzygiderli giňeltmegiň, aýratyn-da, parahatçylygyň we ylalaşygyň, ählumumy ösüşiň bähbidine tagallalary birleşdirmegiň pugta halkara hukuk esasydyr.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň ýokary derejede geçirilmegi hem Türkmenistanyň alyp barýan parahatçylyk, hoşniýetlilik we Bitaraplyk syýasatynyň ajaýyp miwesidir. Bu taryhy maslahatda oňa gatnaşyjy döwletleriň geljek on ýyl üçin ösüşiniň strategik ugruny kesgitleýän 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň yglan edilmegi hem-de Awaza syýasy Jarnamasynyň kabul edilmegi Türkmenistanyň başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giňden goldanylýandygynyň aýdyň mysalydyr.

**Eziz watandaşlar!**

**Hormatly adamlar!**

Sizi Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň 80 ýyllygy mynasybetli geçirilýän maslahatyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, egsilmez bagt, asuda we abadan durmuş, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

Goý, berkarar Watanymyzyň bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk kadalaryny öňe sürýän döwlet hökmünde dünýä giňişligindäki at-abraýy has-da belende galsyn!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**20-nji oktýabrda** Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçiriji taslamasynyň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň nobatdaky tapgyryna ak pata berdi.

***

**21-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hanym Sanae Takaitä Ýaponiýanyň Premýer-ministri wezipesine saýlanylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

**22-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Emirates National Oil Company (ENOC)» hem-de «Dragon Oil» kompaniýalarynyň başlygy Said Al Taýeri, şeýle hem «Dragon Oil» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Abdulkarim Al Maazmini kabul etdi.

***

**22-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hindistan Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bandaru Wilsonbabuny kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

***

**23-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

**24-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişe BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**24-25-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa respublikasynda resmi saparda boldy.

***

**24-nji oktýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň gözel künjeginde ýerleşýän Bitaraplyk binasynyň ýanynda Hökümet agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen Guramaçylyk döwlet toparynyň hojalyk iş maslahatyny geçirdi. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz Aşgabatda gurulýan we döwrebaplaşdyrylýan desgalaryň hem-de binalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy.

***

**25-nji oktýabrda** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe we ýurduň doganlyk halkyna milli baýram — Respublika güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

**26-njy oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellene Awstriýa Respublikasynyň Milli güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**29-njy oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogana we Türkiýäniň doganlyk halkyna ýurduň milli baýramy — Respublika güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# 80 ЛЕТ ВО ИМЯ МИРА: конференция, объединяющая народы

23 октября 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась конференция, посвящённая 80-летию Организации Объединённых Наций.



В мероприятии приняли участие руководители и представители профильных министерств и ведомств Туркменистана, главы и сотрудники дипломатических миссий и представительств международных организаций, аккредитованных в Туркменистане, профессорско-преподавательский состав и студенты института, а также представители СМИ.



С приветственным словом выступила и вела конференцию ректор Института международных отношений МИД Туркменистана Г.Юсупова.

В начале конференции Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Р.Мередов зачитал Поздравительное послание Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова, адресованное участникам мероприятия.

В рамках конференции выступили Заместитель Председателя Кабинета Министров, Министр иностранных дел Туркменистана Р.Мередов, Постоянный координатор ООН в Туркменистане Д.Шлапаченко, Министр образования Туркменистана Дж.Гурбангелдиев, Постоянный представитель Программы развития ООН в Туркменистане Н.Саакян, Министр здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана М.Маммедов, Постоянный представитель Всемирной организации здравоохранения в Туркменистане Е.Зайцев, исполняющая обязанности Представителя Детского фонда ООН (ЮНИСЕФ) в Туркменистане М.Бийкер, Министр финансов и экономики Туркменистана М.Астанагулов, а также Заместитель главы Регионального Центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Ф.Сапрыкин.

В своём выступлении Министр иностранных дел Р.Мередов подчеркнул неизменность курса Туркменистана на укрепление стратегического партнёрства с ООН, отметив, что Организация на протяжении восьми десятилетий остаётся гарантом международного мира и безопасности. Министр отметил, что инициативы Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова, выдвинутые на 80-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН, отражают глубокое понимание современных глобальных вызовов и направлены на укрепление роли Организации в решении ключевых вопросов международной повестки.

Особое внимание в выступлении было уделено вопросам укрепления международного права, продвижения концепции мира и доверия, содействия устойчивому развитию и укрепления позиций развивающихся стран, не имеющих выхода к морю. В этой связи подчеркнуто, что принятая Генеральной Ассамблеей ООН Резолюция «Авазинская политическая декларация» стала важным результатом коллективных усилий мирового сообщества и наглядным подтверждением эффективности многосторонней дипломатии.

В продолжение темы взаимодействия в рамках ООН были затронуты вопросы энергетической и экологической безопасности, транспортной связанности и достижения Целей устойчивого развития. Глава внешнеполитического ведомства выразил поддержку положениям «Пакта будущего» Генерального секретаря ООН и подтвердил готовность Туркменистана содействовать их реализации. Также было отмечено активное участие Туркменистана в международных конвенциях ООН и успешная реализация широкого спектра национальных и региональных проектов, осуществляемых в сотрудничестве с агентствами системы Организации.

Выступления руководителей профильных министерств и представителей агентств системы ООН, прозвучавшие в ходе конференции, отражали широкий спектр направлений сотрудничества Туркменистана с Организацией Объединённых Наций. Среди ключевых сфер – здравоохранение, образование, социальная защита, экономика, экология и цифровая трансформация. Отмечалась важная роль Туркменистана в продвижении превентивной дипломатии и укреплении атмосферы мира и доверия в регионе, в том числе в сотрудничестве с Региональным центром ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии.

Выступавшие озвучили достигнутые результаты совместных инициатив, направленных на защиту прав детей, развитие инклюзивного образования, совершенствование медицинских и социальных услуг, продвижение гендерного равенства и внедрение инновационных подходов. Особое внимание уделялось вопросам экологии, изменения климата и рационального природопользования. Отмечалась готовность сторон к дальнейшему укреплению координации действий и расширению партнёрства в русле реализации Целей устойчивого развития и новой Рамочной программы сотрудничества на 2026–2030 годы.

В контексте юбилейного года были приведены примеры успешного сотрудничества Туркменистана с Организацией Объединённых Наций, включая проведение в Национальной туристической зоне «Аваза» Третьей Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю.



Участники выразили единодушное мнение, что 80-летие Организации Объединённых Наций стало не только важной вехой, но и возможностью подтвердить приверженность общим целям мира, доверия и партнёрства.

В завершение конференции было принято Обращение участников к Президенту Туркменистана Сердару Бердымухамедову.

***

Затем состоялось торжественное подписание Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития между Правительством Туркменистана и Организацией Объединенных Наций на 2026–2030 годы, которая определяет стратегические приоритеты взаимодействия на предстоящий период.

**«Голос молодого дипломата».**

# A New Page in Turkmen-Italian Relations

Today, the foreign policy of Independent, permanently Neutral Turkmenistan, which is making great efforts to ensure peace, security and sustainable development throughout the world, finds great support in the international community. In this regard, the adoption of a number of international resolutions in the United Nations, the world's most prestigious international organization, based on the peace-loving foreign policy initiatives by our Hero Arkadag, successfully continued by our esteemed President, and the unanimous support of its member states, testify to this statement. Turkmenistan actively cooperates with countries around the world on a bilateral and multilateral basis. One of such states is the Republic of Italy.

Italy is the ancient cultural and socio-economic center of Europe. Cooperation with Italy is an important part of the foreign policy of the Central Asian states today. The first summit of the "Central Asia-Italy" format, held on May 30, 2025 in Astana, the Republic of Kazakhstan, with the participation of the heads of state, was the beginning of a new stage in the development of bilateral and multilateral relations. This high-level meeting contributed to the development of trade-economic, cultural-humanitarian and scientific-technical relations between Turkmenistan and the Republic of Italy and the introduction of new projects. In particular, this first summit is aimed at developing cooperation in the implementation of projects in the fields of transport-logistics, energy and investments aimed at sustainable development.

History never fades. It is always preserved in the ancient pages of history. As our esteemed President noted in his historic speech at this summit, the relations of the Central Asian states with the Italian Republic date back millennia. The Great Silk Road, which originated in the Chinese city of Xi'an and stretched to Rome and Venice, passed through Central Asia. This proves that Turkmen-Italian trade, cultural, and scientific-educational relations date back to antiquity. This historical cooperation retains its significance today.





During the Era of Revival of the New Epoch of the Powerful state, our Motherland has become an eternal place of friendship, brotherhood, and prosperity. Today, when we talk about the milestones of our wonderful era, which are fraught with development and progress, it is important to note the long-term reforms that are reviving the world. Our esteemed President Serdar Berdimuhamedov notes: "We are open to all countries and peoples of the world. We intend to further develop relations with them in the trade-economic, cultural-humanitarian, and scientific-educational spheres in the future." In this regard, it is necessary to note the Turkmen-Italian relations. The official visit of our esteemed President to the Republic of Italy on October 24-25, 2025, marked the beginning of a new stage in the development of bilateral relations. The Turkmen-Italian business forum held during the visit contributed to the intensification of trade and economic relations.

Currently, bilateral relations are actively developing in the oil and gas, chemical, transport and communication systems, and cultural and humanitarian spheres. Since 2008, the ENI company has been participating in the implementation of large projects in the oil and gas sector of our country. Also, the equipment of such Italian companies as Marzoli, Savio, and Cormatex is actively used in the textile industry of our country. Cooperation in the cultural and humanitarian sphere is one of the priority areas. The exhibition "The Flourishing of Civilizations: Margiana and the Parthian Kingdom in the Bronze Age. Archaeological Discoveries in Turkmenistan" at the Capitoline Museum in Rome should be especially noted in this regard. These examples testify to the great future of relations between the two fraternal peoples. This positive cooperation is aimed, first of all, at ensuring peace, security, and sustainable development.

**Hojamyrat BAYLYYEV,**
the 4th year student of the Faculty of International Relations.

***24 октября 2025 года в Министерстве иностранных дел Румынии состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Румынии Аннамаммета Аннаева с Генеральным директором Министерства иностранных дел Румынии Даном Янку.***

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
***— Halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugry bolup durýar.***

# PARAHATÇYLYK AGZYBIRLIKDEN BAŞLANÝAR: BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ 80 ÝYLLYGY

2025-nji ýyl türkmen halky üçin hem-de bütin adamzat üçin taryha altyn harplar bilen ýazylýan ýyllaryň biri. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ata Watanymyzda baky Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyny, dünýä ýüzünde bolsa abyraýly halkara guramalaryň iň irisi bolan Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygyny belläp geçýäris.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow şu ýylyň 14-nji ýanwarynda BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen bolan telefon arkaly söhbetdeşliginde iki şanly sene baýram edilýän 2025-nji ýylyň aýratyn ähmiýetini belledi. Şunda Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ynamdar hyzmatdaşy, sebitde hem-de dünýäde onuň ygtybarly daýanjy bolandygy we şeýle bolmagynda-da galjakdygy nygtaldy.

BMG-niň taryhy sene bilen däl-de, eýsem parahatçylyk barada pikiriň durmuşa geçirmek bilen, adamzadyň uruşlardan ýadandygyna düşünmekden başlaýar. Birinji jahan urşy millionlarça adam pidalaryna we halklaryň weýran bolmagyna sebäp boldy. Şol sebäpden hem 1919-njy ýylda köpçülikleýin howpsuzlyk mehanizmini döretmek üçin ilkinji synanyşyk bolan Millertler Ligasy dünýä indi. Emma gynansak-da, ol wagt synagyndan geçip bilmedi: ikinji jahan urşy adamzadyň henizem gepleşik geçirmegi öwrenmändigini görkezdi.

Ikinji jahan urşunyň başlan gününden bäri parahatçylygy saklamak üçin täze ulgamy döretmek zerurlygy ýüze çykdy. Şol döwründe soýuzdaşlar geljekki guramanyň ýörelgelerini düzüp başladylar. 1941-nji ýylyň awgust aýynda ABŞ-nyň prezidenti Franklin Ruzwelt we Iňlis premýer-ministri Winston Çerçil erkinlik, deňlik we köpçülikleýin howpsuzlyk barada Atlantik Hartiýasyna gol çekdiler.

1945-nji ýylyň fewral aýynda Ýalta konferensiýasynda duşmana garşy koalisiýanyň ýolbaşçylary Howpsuzlyk Geňeşiniň gurluşy we weto hukugy prinsipi barada ylalaşdylar. Şeýlelik bilen, täze eýýamynyň kanuny binýady bolmaly ädimme-ädim resminama emele geldi.

1945-nji ýylyň 25-nji aprelinde 50 (+ 1) döwletiň wekilleri San-Fransisko ýygnanyp, Birleşen Milletler Guramasyny döretmek kararyna geldiler. Şol ýylyň 26-njy iýunynda BMG-niň Düzgünnamasyna gol çekildi we 24-nji oktýabrda ol güýje girdi. Bu sene BMG-niň resmi taýdan döredilen güni boldy we her ýyl Birleşen Milletler Guramasy güni hökmünde bellenilýär.

Düzgünnama bäş sany esasy maksady öz içine aldy:

1. Halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek
2. Milletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmek
3. Meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygyny durmuşa geçirmek
4. Milletleriň hereketlerini utgaşdyrmak merkezi
5. Halkara hukugyna we adalata hormat goýmagy ösdürmek

Baş Assambleýanyň ilkinji mejlisleri 1946-njy ýylda Londonda geçirildi we tiz wagtdan BMG-niň ştab-kwartirasy Nýu-Ýorkda ýerleşdi. Dünýä Sowuk Uruş döwrüne girdi we ýaş gurama kynçylyklara - konfliktlere, ideologiki gapma-garşylyklara we ýadro krizisine sezewar boldy. Şeýle-de bolsa, hut şu döwürde parahatçylygy goraýyş missiýalary, gumanitar maksatnamalar we halkara şertnamalar peýda bolup, BMG parahatçylyk we hyzmatdaşlygyň esasy araçysy bolmagy başardy.

BMG onýyllyklaryň dowamynda kämilleşdi we ösdi. 1960-njy ýyllarda Aziýada we Afrikada täze garaşsyz döwletleriň onlarçasy döräp bu guramanyň agzalygyna kabul edildi, gurama sözüň doly manysynda global boldy. Soň bolsa, onuň işi syýasatdan başga-da ykdysadyýeti, bilimi, daşky gurşawy, adam hukuklaryny we sanly ösüşi öz içine aldy. 2000-nji ýylda Müňýyllygyň Ösüş Maksatlary, 2015-nji ýylda bolsa 2030-njy ýylda Durnukly ösüş maksatnamasy kabul edildi. Bu resminamalar adamzat üçin strategiki ugry - parahatçylyga, deňlige we durnukly geljege gönükdirdi.

Döredilen gününden bäri Gurama Nobel baýragynyň on ikisine mynasyp boldy, bularyň her biri ynsanperwerligiň we halkara hyzmatdaşlygyň taryhynda belli bir tapgyry görkezýär:

1954 we 1981 — Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlar baradaky Ýokary Komissarlygynyň edarasy;

1965 — Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar Gaznasy (UNISEF);

1969 — BMG-niň iň gadymy ýöriteleşdirilen edaralarynyň biri bolan Halkara Zähmet Guramasy;

1988 — BMG-niň Parahatçylygy goraýyş güýçleri;

2001 — Birleşen Milletler Guramasy we Baş sekretar Kofi Annan;

2007 — BMG-nyň howandarlygynda işleýän Howanyň üýtgemegi boýunça hökümetara topary;

2020 — Bütindünýä azyk maksatnamasy (WFP).

Birleşen Milletler Guramasy 80 ýylyň dowamynda halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň hatda iň çuňňur krizisleri hem ýeňip biljekdigini subut etdi. BMG-niň döwletleriň birek-biregi diňlemegi we düşünmegi öwrenýän platforma parahatçylygyň, adalatyň we ynsanperwerligiň sütünine öwrüldi.

Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi, Türkmenistanyň BMG-däki ilkinji wekili, professor Amangeldi Rahmanowyň «Представляя Нейтральный Туркменистан» kitabynda "Birleşen Milletler Guramasy – bu dünýade parahatçylygy goraýan ýeke-täk uniwersal gurama-dyr" diýip belläp geçmegi hem bu guramanyň adamzat üçin bolan wajyplygyny subut edýär.

**Selime RAHYMOWA,**
Myrat Garryýew adyndaky
TDLU-nyň II ýyl talyby,
«Türkmenistan – BMG: parahatçylygy, ynanyşmagy we dost-doganlygy üpjün etmegiň kepili» atly esse ýazmak bäsleşiginiň ýeňijisi.

# «KITAP MARAFONYNYŇ» ÝEŇIJILERI SYLAGLANYLDY

2025-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Ýaş alymlar geňeşi tarapyndan geçirilen «Kitap marafonynyň» jemi jemlendi. Ýaşlarda kitap okamak endigini ösdürmek, pikirlenmegi we hyýaly düşünjeleri kämilleşdirmek, döredijilik ukybyny, söz baýlygyny artdyrmak maksady bilen geçirilen bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden 2025-nji ýylyň 20-nji sentýabryna çenli 426 sany gatnaşyjy hasaba alyndy.

Marafon iki tapgyrdan ybarat bolup, saýlama tapgyrynda 426 gatnaşyjydan 210 gatnaşyjy saýlanyp alyndy. 24-nji oktýabrda saýlama tapgyryndan geçen 210 gatnaşyjydan 71 sany kitapsöýüji ýeňiş gazanyp, onuň jemi jemlenildi we ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Tapawutlanan gatnaşyjylar bäsleşigiň ýeňijileri diýlip yglan edildi. Olara institutymyzyň hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy. Gündogaryň beýik söz ussady, akyldar şahyr Magtymguly Pyragy «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýip, kitap okamagyň ähmiýeti barada belläp geçipdir. Dünýä alymlarynyň hem tassyklaýşy ýaly, kitap okamagy ýaşlykdan endik edinen adamyň ýatkeşligi güýçli, söz gory baý, zehini ýiti, paýhasy dury bolýar.







Ýaşlaryň arasynda kitap okamak endigini ösdürmek maksady bilen geçirilen «Kitap marafony» üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany» atly kitabynyň saýlanylyp alynmagy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda parahatçylygyň we dostlugyň mekany Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýynyň barha pugtalanmagyna bolan gyzyklanmasynyň artmagyna, watansöýüjilik, ynsanperwerlik duýgularynyň kämilleşmegine uly goşant goşdy. Bu marafonyň dowamynda gatnaşyjylara gündelik sowallaryň berilmegi, kitap barada özara pikir alyşmalaryň we gyzykly çäreleriň guralmagy bagtyýar ýaşlarda kitap okamak endiginiň kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýe boldy.





«Kitap marafonyna» gatnaşyjylar ýurdumyzda ýaş nesillere okamaga, öwrenmäge, döretmäge, zehin başarnyklaryny açyp görkezmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşly sözlerini aýtdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

***2025-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň hem-de magistrleriniň arasynda «Türkmenistan – BMG: parahatçylygy, ynanyşmagy we dost-doganlygy üpjün etmegiň kepili» atly esse (düzme) ýazmak bäsleşiginiň jemleri jemlendi.***

# «Sapar eýläp barsak Nowşah mülküne»

Ynsanlaryň, halklaryň we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar söz arkaly binýat bolup, birek-biregi, milletleri, döwletleri ysnyşdyrýar we dostlaşdyrýar. Türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň döredijiligi hem dünýäniň häzirki nesillerine birlik, agzybirlik, jebislik ýoluny salgy berýär. Şoňa görä-de, bu günki gün beýik akyldaryň şygyrlaryny bütin adamzat sarpalaýar.

Magtymguly Pyragynyň dünýä, ahlak, ynsan, gözellik, söýgi, parahat durmuş, Watany söýmek hakynda gymmady egsilmejek öndewleri, ynsanperwer garaýyşlary, durmuş sargytlary diňe bir türkmen halkynyň geljegi üçin däl-de, bütin adamzadyň durmuşy we ruhy zerurlyklary üçin mynasyp ýol-ýörelgedir. Hut şonuň üçin hem şahyryň döredijiliginiň gymmady milli çäklerden çykyp, dünýä edebiýatynyň ruhy gymmatlyklaryna, adamzat paýhasynyň genji-hazynasyna öwrülýär. Muňa golaýda Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň azerbaýjan dilinde terjime edilen «Aşyk bolmuşam» atly kitabynyň mysalynda hem göz ýetirmek bolýar.

Häzirki döwürde türkmen halky bilen taryhy we ynsanperwer umumylygy birleşdirýän milletler we döwletler bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegi hil taýdan täze mazmuna eýe bolýar. Şol sanda, Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasy bilen hem özara hyzmatdaşlygy döredijilikli we ynanyşmak häsiýetine eýe bolup, özara bähbitli we birek-birege hormat goýmak esasda yzygiderli ösdürilýär. Çünki türkmen-azerbaýjan doganlyk halklaryň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň taryhy asyrlaryň jümmüşine uzaýar. Taryhyň, diliň, medeniýetiň, däp-dessurlaryň umumylygy bolsa iki halkyň arasyndaky gatnaşyklaryň mizemez binýadyny emele getirýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Biz diňe bir dil babatda däl, eýsem, beýleki ugurlarda hem birek-birege örän gowy düşünýäris. Iki halkyň bir bitewi kökleri bar. Biz umumy köklere, ýakyn garyndaşlyga esaslanýarys. Bir umumy gymmatlyklara eýerýäris. Biz örän baý taryhy tejribäni häzirki döwre çenli aýawly saklap geldik».



Gündogar edebiýatynda özüniň ajaýyp edebi mirasy bilen öçmejek yz galdyran Magtymguly Pyragynyň döredijiligini içgin öwrenmek işleri dünýäniň ençeme ýurtlarynda, şol sanda Azerbaýjanda hem giň gerime eýe bolýar. Häzirki wagta çenli türkmen we azerbaýjan alymlary tarapyndan Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanan ajaýyp kitaplaryň ençemesi neşir edildi. Olardan 2010-njy ýylda belli azerbaýjan terjimeçisi Ramiz Askeriniň «Magtymguly Pyragynyň seçilen eserleri» atly şygyrlar ýygyndysy, 2013-nji ýylda azerbaýjan dilinde neşir edilen, filologiýa ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy Annagurban Aşyrowyň «Mahtumkuli Feragi» atly ýygyndysy, 2014-nji ýylda türkmen alymlary Rahymmämmet Kürenow bilen Rahmanberdi Godarow tarapyndan Azerbaýjan Milli Ylymlar akademiýasynyň Muhammet Fizuly adyndaky Golýazmalar institutynda saklanylýan Magtymguly Pyragynyň goşgulary ýerleşdirilen daşbasma golýazmasy esasynda iki dilde terjime edilen «Diwan», 2019-njy ýylda Azerbaýjanyň Milli Ylymlar akademiýasynyň akademigi Isa Habibbeýli we Ismihan Osmanlynyň «Magtymguly Pyragy we Azerbaýjan» atly kitaby, azerbaýjanly alym Töhfä Talybowanyň 2022-nji ýylda neşir edilen «Azerbaýjan — Türkmenistan edebi gatnaşyklary» ýaly kitaplary ýatlanylmaga mynasypdyr.

Magtymguly Pyragynyň goşgular ýygyndysynyň azerbaýjan dilinde terjime edilmegi döwletara gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyga möhüm ornuň degişlidigini nobatdaky gezek aýdyň görkezdi. Dünýäde ählumumy abadançylygyň, parahatçylygyň berkarar bolmagynyň hatyrasyna parasatly başlangyçlary öňe sürýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, türkmen diplomatiýasynyň ýeňişli menzillerde öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Oguloraz EÝEBERDIÝEWA,**
Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň uly mugallymy.

Türkmenistanyň halk ýazyjysy
Berdinazar HUDAÝNAZAROW

## ADAMYŇ BIR MÄTÄÇ ZADY — HOŞ SÖZDÜR

Adamyň bir mätäç zady — hoş sözdür,
Hoş söz aýdyň — depesine täç bolar.
Dirilikde aýdyň, dirikä sylaň,
Kim bilip dur — bir ýyldan soň giç bolar.

Gowa gowy diýiň entek dirikä,
Gerek ýerde ýyly söz — bir güýç bolar.
Hökman ölerine garaşyp durmaň,
Kim bilip dur — bir aýdan soň giç bolar.

Ýagşy sözler gaýnap ýürekden çyksyn,
Şol närseden bärde çyksa hiç bolar.

Goldaweriň bir-biregi söz bilen,
Kim bilip dur — bir hepdeden giç bolar.

Kalby çoýuň alkyş alyň adamlar,
Alkyşlynyň işi rowaç bolar.
Erte tapylanok şu gün göreniň,
Şu gün çoýuň — erte belki, giç bolar.

Sahawatsyz ömür — gury bir töňňe,
Sahawatsyz ömrüň soňy puç bolar.
Sylaň bir-biregi — wagtyňyz barka,
Mümkin... ýene bir sagatdan giç bolar.




**World Statistics Day**

October 20 — Celebrated every five years, World Statistics Day highlights the power of data in shaping policies and improving lives around the world. Reliable statistics are essential for progress and sustainable development.

**International Day of the Snow Leopard**

October 23 — This day raises awareness about the endangered snow leopard and the need to protect its mountain habitat. It calls for global efforts to conserve wildlife and preserve fragile ecosystems.

**United Nations Day**

October 24 — United Nations Day marks the anniversary of the UN Charter's entry into force in 1945. It celebrates the UN's ongoing mission to promote peace, human rights, and international cooperation.

**Disarmament Week**

October 24–30 — Disarmament Week promotes peace and global security through disarmament and arms control. It encourages all nations to work together toward a safer and more peaceful world.

**World Development Information Day**

October 24 — This day emphasizes the importance of sharing information and technology to promote development and cooperation among countries. It highlights communication as a key driver of progress.

**Global Media and Information Literacy Week**




October 24–31 — This week promotes critical thinking and responsible media use. It encourages people everywhere to recognize reliable information and combat misinformation in the digital age.

**World Day for Audiovisual Heritage**

October 27 — This day highlights the importance of preserving films, recordings, and audiovisual materials that form part of our shared cultural heritage. It reminds us to protect the stories that shape human history.



**International Day of Care and Support**



October 29 — This observance recognizes the essential role of care and support in every society. It promotes equality, well-being, and better working conditions for caregivers worldwide.

**World Cities Day**




October 31 — World Cities Day celebrates sustainable urbanization and innovation. It calls on everyone to work toward making cities inclusive, safe, resilient, and environmentally friendly.

**Gulnazik AGAYEVA,**
the 3rd year student of the Faculty of International Journalism.

*On October 22, 2025, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Kingdom of Saudi Arabia, Muhammetgeldi Ayazov presented copies of his credentials to the Deputy Minister of Foreign Affairs of the Kingdom of Saudi Arabia, Abdul Majid bin Rashid Al-Samari.*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* A.Kaşaňow.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* O.Çaryýarowa.
*Bölüm müdiri:* J.Gurbangylyjowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Ý.Hallyýew.
*Korrektorlar:* A.Döwletowa, B.Baýhanow.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

*E-mail:* hgi.redaksiya@gmail.com